# Mazarystana zyýarata gideniňde gabryň daşyndan aýlanmak bolýarmy?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**Sahypaň okyjysy:** Esselämu aleýkum we rahmetullahi we berekatuh!

Mende şeýle sorag bar. Mazarystana zyýarata gideniňde gabryň daşyndan aýlanmak bolýarmy? Biziň ýanymyzda Ahtam Sahaba mazary bar. Şol ýerde gabryň daşyndan aýlanyp arzuwyny aýtýarlar, bu edilýän dogrumy? We ýenede şol ýerde bir daş bar, Mekke-Medineden getirilen diýip, şony üç barmagynda göterýärler. Eger şol daş dogry tarapa aýlansa seň işiň ugruna bolýar, diýýärler. Dogrumy şu zatlar? Bular barada aýdaýsaňyz!?

**Jogap:** Waleýkum esseläm we rahmetullahi we barakatuh.

Dinimizde gabyr zyýaratyna gitmek mustehapdyr we gabyr zyýaratyna gidip durmak ündelýändir.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we selem) hadysda:

فزوروها فإنها تذكركم بالآخرة

“ **...gabyrlara zyýarata gidiň. Çünki ol size ahyrýedi ýatladar”** diýýär. [1]

Ýagny size ahyrýedi, ölümi, hasap gününi, siziň hem bir gün ölüp şu dar çukura girjekdigiňizi ýatladar! Size hem iki perişde gelip sorag-jogap etjekdigini, eger jenneti bendelerden biri bolsaňyz, gabyr siz üçin jennet bakçalaryndan bir bakça ýa-da dowzahylardan bolsaňyz siz üçin gabyr dowzah çukurlaryndan bir çukur boljakdygyny ýatladar diýmekdir.

**Şonuň üçin Yslamda gabyra zyýarata gitmekden iki maksat bardyr:**

1-Ölüleri görüp ybrat alyp, ahyrýedi ýatlamak, Allahyň huzuryna çykmaga taýynlanmak.

2-Ölülere salam bermek, olar üçin Allahdan bagyşlanma dilemek.

Şonuň üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize nähili gabyr zyýarat etmelidiginiň edebini öwredendir. Mysal üçin gabyra baranymyzda haýsy dogany okamalydygymyzy öwredýär:

السلام عليكم أهل الديار من المؤمنين والمسلمين وإنا إن شاء الله للاحقون أسأل الله لنا ولكم العافية

“**Bu diýaryň mu'min we musulmanlary: Size salam bolsun. InşAllah bizem (size) goşuljakdyrys. Allahdan bize we size aman-esenlik dileýäris.”** [2]

Gabyra zyýarata gidilende sünnetde öwredilişi ýaly zyýarat etmelidir.

Emma gynansakda diňe biziň ýurdumyzda däl, eýsem köp musulman döwletlerinde gabyra zyýarat edilende Pygamberimiziň öwredişi ýaly sünnete laýyk zyýarat edilmeýär. Beter yslamyň gadagan eden zatlary, haram diýen, şirk diýen zatlary edilýär we ynsanlaryň aglaba bölegi bu edýän işleriniň sogapdygyna, peýdadygyna ynanýarlar! Özleriniň din barada bilimsizlikleri sebäpli edýän işleriniň olary Allahdan, yslamdan uzkalaşdyrýan hereketlerdigini, hatda kä halatlarda dinden çykarýan zatlardygyndan habarlary ýok!

Şonuň üçin gabyr zyýaraty ikä bölünýär:

1-Birinjisi sünnetde öwredilişi ýaly Yslama laýyk bolan gabyr zyýaratlary.

2-Ikinji bolsa Yslamyň haram eden, bidgat bolan gabyr zyýaratlarydyr.

Bu barada Hanafi mezhebimiziň meşhur alymlaryndan Ahmed er-Rumi el-Hanafi Mejalisu'l-Ebrar we Mesaliku'l Ahýa atly eserinde şeýle ýatlap geçýär:

“Gabyr zyýaraty: Şerigata laýyk we şerigata nä laýyk diýip, ikä bölünýär:

Çünki gabyr zyýaraty iki dürlüdir: Biri şergy ýagny Yslama laýyk ikinjisi bolsa, bidgy (ýagny bidgat, haram):

Şerigata laýyk bolan zyýarat: Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) öwredişi ýaly edilen zyýaratdyr. Bu zyýaratda iki sany maksat (peýda) bardyr:

Birinjisi: Zyýarat eden kişi üçindir. Bu bolsa ögüt-nesihat, ybrat almakdyr.

Ikinjisi: Gabyrdaky ýatanlar üçindir: Bu bolsa zyýarata geleniň olara salam berip, olar üçin (Allahdan bagyşlanma diläp) doga-dileg etmegidir.

Bidgat zyýaraty barada aýtsak: Gabyrlaryň ýanynda namaz kylmak, gabyrlaryň daşyndan aýlanyp (tawaf, togap) etmek, gabyrlary ogşamak, gabyrlara el sürmek, ýaňaklaryňy degirmek, ölülerden kömek diläp, olary ýardama çagyrmak, ölülerden ýeňiş, ryzyk, sag-salamatlyk dilemek, çaga nesip etmegini, bergisini bermäge kömek etmegini, kynçylgyny gidermegini, dar ýagdaýda galanlara ýetişmegini dilemek we şuňa meňzeş butparazlaryň butlaryndan dileýişleri ýaly edip, edilen zyýaratlardyr.

Bu hili şirkiň isi gelip duran bidgat zyýaratlary, aslyny müşrüklerden alýandyr. Musulman alymlaryň bir agyzdan kabul etmegi bilen bu zatlaryň hiç birini etmek meşrug däldir.” [3]

Çaga bermek, kesele şypa bermek, bereket bermek, darda galana kömek etmek, bagtly ýa-da betbagt etmek diňe Allah Tagalanyň elindedir. Ölüleriň, welileriň, perişdeleriň, pygamberleriň elinde däldir.

Kuran-Kerimde Allah Tagala diňe özüne doga-dileg etmegi buýryp şeýle diýýär:

وَقَالَ رَبُّكُمُ ادْعُونِي أَسْتَجِبْ لَكُمْ إِنَّ الَّذِينَ يَسْتَكْبِرُونَ عَنْ عِبَادَتِي سَيَدْخُلُونَ جَهَنَّمَ دَاخِرِينَ

“**Robbuňyz aýtdy: Maňa doga-dileg ediň, Menem siziň doga-dilegleriňizi kabul edeýin. Kim Maňa ybadat etmekden (boýun towlap) tekepbirlense, ol har-zelil bolup jähenneme girer.**” [4]

Aýatyň başynda Allah Tagala Maňa doga-dileg ediň diýýär, aýatyň soňunda bolsa, doga-dilegi ybadat diýip atlandyryp, özüne doga-dileg, ybadat etmekden boýun gaçyranlaryň jähenneme girjekdigini habar berýär.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sahaba Ibn Abbasa (radiallahu anh) bir Allaha doga-dileg etmegini tabşyryp şeýle diýýär:

إذا سألت فاسأل الله ، وإذا استعنت فاستعن بالله

“**..Dilejek wagtyň bir Allahdan dile, ýardam dilejek wagtyň bir Allahdan ýardam dile...**” [5]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada:

من لا يدعو الله يغضب عليه

“**Allah Tagala Özüne doga-dileg etmeýän gulyna gazap eder**” diýýär. [6]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem):

إِنَّ اللَّهَ حَيِيٌّ كَرِيمٌ ، يَسْتَحِي إِذَا رَفَعَ الرَّجُلُ إِلَيْهِ يَدَيْهِ أَنْ يَرُدَّهُمَا صِفْرًا خَائِبَتَيْنِ

“**Allah Tagala utanç-haýaly we jomartdyr. Haçanda bendesi elini galdyryp, Oňa doga-dileg edende, Ol dilegi boş gaýtarmakdan utanar**”diýýär. [7]

Başga bir bellemeli möhüm zat bolsa, doga-dileg hem edil namaz, oraza, haj, gurbanlyk ýaly ybadatdyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hadysda doga-dilegiň ybadatdygyny habar berip:

الدعاء هو العبادة

“**Doga-dileg ybadatdyr**” diýýär we yzyndanam Kuran-Kerimden şu aýaty okaýar:

وَقَالَ رَبُّكُمُ ادْعُونِي أَسْتَجِبْ لَكُمْ إِنَّ الَّذِينَ يَسْتَكْبِرُونَ عَنْ عِبَادَتِي سَيَدْخُلُونَ جَهَنَّمَ دَاخِرِينَ

“**Robbuňyz aýtdy: Maňa doga-dileg ediň, Menem siziň doga-dilegleriňizi kabul edeýin. Kim Maňa ybadat etmekden (boýun towlap) tekepbirlense, ol har-zelil bolup jähenneme girer.**”[8]

Aýatyň başynda Allah Tagala Maňa doga-dileg ediň diýýär, aýatyň soňunda bolsa, doga-dilegi ybadat diýip atlandyryp, özüne doga-dileg, ybadat etmekden boýun gaçyranlaryň jähenneme girjekdigini habar berýär.

**Gabryň daşyndan aýlanmak:**

Gabyryň daşyndan aýlanmak barada aýtsak: arapça tawaf (bir zadyň daşyndan aýlanmak) diýilýär. Türkmen dilinde bolsa, togap diýip geçipdir. Tawaf hem edil beýleki ybadatlar ýaly ybadatdyr. Şonuň üçin musulmanlar hajda käbäň daşyndan 7 gezek tawaf edýärler.

Köp jahyl adamlar gabyrlary käbä deňäp, gabyrlaryň daşyndan musulmanlaryň käbede edişi ýaly edip tawaf edýärler. Eger bu tawafy ölä ýakynlaşyp ondan bir zat dilemek niýeti bilen edýän bolsa, uly şirk bolýar we bu herekedi eden kişi dinden çykýar. Çünki tawaf ybadatdyr we diňe Allahyň razylygy üçin käbede edilýär.

**Barmagyň üstünde goýulýan daş:**

Barmagyň üstünde goýulýan daş barada aýtsak. Birinji bilen ol daşyň nireden getirlendigi anyk däldir.

Emma geliň biz şol daşy Mekke şäherindäki Käbäň çüňkinde diwarda duran gara daşyň bir bölegi diýip, göz öňüne getireliň!

Mekkedäki gara daşyň hiç kime bir peýda we zyýan getirme güýji we ukyby ýokdur.

Bu barada Hezreti Omar (radillahu anh) şeýle diýýär: "Abdullah bin Serjis şeýle diýýär: Men Omar Ibn Hattaby käbedäki Hajerul-Eswedi öpüp durka şeýle diýenini eşitdim: **"(Eý gara daş) Men seniň diňe bir daşdygyňy we hiç kime ne-peýda ne-de zyýan ýetirip bilmeýänligiňi bilip durup seni öpýärin. Eger Pygamberimiziň seni öpenini görmedik bolsam, men seni öpmezdim."**[9]

Mekkedäki gara daşyň hiç kime peýda-zeýyn, şowlulyk, işiňi ugruna etmek güýji ýok bolup durka, ondan başga zatlaryň gürrüňüni etmek hem dogry däl!

Daşdan, agaçdan, ýüpden seni goramagyna garaşmak, olara sygynmak, olaryň şowlulyk getirip biljegine ynanmak butparazlykdyr. Yslam ynanjy bilen uzakdan ýa-da ýakyndan hiç hili baglanşygy ýokdur we bu hereketler şirkdir.

**Mazarystanlykda edilýän başga şirk hereketlerinden käbiri:**

Başgada gabyr zyýaratynda edilýän bidgat we şirk zatlardan biri: Gabyryň ýanynda ýa-da başga ýerlerde mukaddes diýip, ynanylýan agaçlara arzuwyny aýdyp ýüp daňylmagydyr. Bu hereket hut şamanlaryň ynanjyndan galan, butparazlygyň özüdir. Arzuw aýdyp agaja ýüp daňmak ýa-da eliňe, aýagyňa ýüp baglap şol ýüpiň seni gorajakdygyna ynanmak mejusylardan, şamanlardan galan ynançdyr. Bu zatlaryň ählisi şirkdir.

**Teberrük: Berekete garaşmak, bereket islemek:**

Başga bir ýalňyşlaryň biri bolsa, şol mazarlyklardan getirilen duzlaryň, agaç bölejikleriniň, guradylan otlaryň, şol ýerleriň topragyndan bir gysym gumyň öýde goýulsa bereket getirjegine ynanmak şirkdir.

Bereket bir zatda haýryň bar bolmagy we artmagydyr. Bereket Allahyň elindedir, bir zady bereketli eden hem Allahdyr. Şonuň üçin bereketi Allahdan dilemelidir.

Berekediniň köpelip, işiniň ugryna bolmagyny isleýän kişi: Boýnuna parz bolan ybadatlary ýerine ýetirmeli, haramlardan gaçyp halal ýaşamalydyr.

Eger bir ýerden getirilen duzyň, gumyň ynsanlara peýdasy bolsady, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) haja gelen musulmanlara Mekkäň duzyndan, gumyndan öýlerine äkitmegi buýrardy. Emma ähli musulmanlaryň bilişi ýaly Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize beýle zatlary öwretmedi.

Allahdan başga barlykdan diňe Allahyň elinde bolan zady dilemek, Allahdan başga barlyklar üçin sežde, doga-dileg, ybadat, tawaf etmek uly şikrdir we buny eden kişi bolsa kapyr, müşrükdir.

Şirk bolsa, uly günäleriň iň ulusydyr. Bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

**"Uly günäleriň iň ulusyny size habar bereýinmi?" Sahabalar: "Howwa, Eý Allahyň Resulý' diýdik. Pygamberimiz aýtdy: "Allaha şärik goşmak we ene-ata boyun bolmazlykdyr."** [10]

Allah tagala şirk edip toba etmän ölen ynsany, ebedi bagyşlamajakdygyny bize Kuran-Kerimde habar berendir.

Allah tagala bu barada şeýle diýýär:

إِنَّ اللَّهَ لا يَغْفِرُ أَنْ يُشْرَكَ بِهِ وَيَغْفِرُ مَا دُونَ ذَلِكَ لِمَنْ يَشَاءُ

**"Şüphesiz ki Allah, özüne şärik goşulmasyny asla bagyşlamaz. Ondan başga günäleri islän bendesine bagyşlar.... "** [11]

Allah tagala özüne şärik goşana jenneti haram edendir.

Allah tagala bu barada şeýle diýýär:

إِنَّهُ مَنْ يُشْرِكْ بِاللَّهِ فَقَدْ حَرَّمَ اللَّهُ عَلَيْهِ الْجَنَّةَ وَمَأْوَاهُ النَّارُ وَمَا لِلظَّالِمِينَ مِنْ أَنصَارٍ

**"Elbetde, kimde-kim Allaha şärik goşsa, Allah oňa jenneti haram edendir. We onuň ýeri dowzahdyr. Zalymlara kömek etjek ýokdyr."**[12]

Allah Tagala şeýle diýýär:

إِلَّا مَن تَابَ وَآمَنَ وَعَمِلَ عَمَلًا صَالِحًا فَأُوْلَئِكَ يُبَدِّلُ اللَّهُ سَيِّئَاتِهِمْ حَسَنَاتٍ وَكَانَ اللَّهُ غَفُورًا رَّحِيمًا

“**Diňe kimde-kim toba etse we salyh amal etse, Allah Tagala olaryň günälerini ýagşylyga öwürer. Allah bagyşlaýyjy, rehimlidir**”[13]

Bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

التَّائِبُ مِنْ الذَّنْبِ كَمَنْ لَا ذَنْبَ لَه

“**Eden günäleri üçin toba eden kişi, göýä günä iş etmedik adam ýalydyr.**” [14]

Allah Tagala bizi şirkden we müşrüklikden uzak etsin!

1-Muslim, Ahmed,Nesai.

2-Muslim.

3-Ahmed er-Rumi el-Hanafi Mejalisi'l-Ebrar we Mesaliku'l Ahýar .

4-Gafir 40/60.

5-Tirmizi /2516/, Ahmed /1/303/, Şeýh Albani sahyh diýýär.

6-Ibn Mäje/3827.

7-Tirmizi /3556/ Şeýh Albani hadysa sahyh diýýär.

8-Ebu Dawud /1460. Tirmizi/2969. Şeýh Albani sahyh diýýär.

9-Ibn Mäje, Sunen, Menasik, 2943.

10-Buhari we Muslim.

11-Nisa süresi/48.

12-Maide süresi/72.

13-Furkan 25/70.

14-Ibn Mäje 4250.